# Gaýpdan habar berýän kişiniñ, palçynyñ yslamda hökümi näme?

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

Gaýby bilýänligini aýdýan kişiniñ ýagny palçynyñ hökümi kapyrdyr. Çünki ol kişi Allah Tagalany ýalanlap, Onuñ sözüni inkär edýändir. Aýatda Allah Tagala şeýle diýdi: **"Aýt: Asmanlarda we ýerde Allahdan başga hiç kim gaýby bilmez. Olar haçan gaýtadan direljeklerini hem duýmazlar."** (Neml, 27 /65)

Allah Tagala Pygamberimiz Muhammed sallallahu aleýhi we selleme, asmanlarda we ýerde Allahdan başga hiç kimiñ gaýby bilip bilmejegini yglan etmegini buýrýar. Şonuñ üçin gaýby bilýänligini aýdýan kişi, Allah Tagalanyñ bu aýatyny ýalanladygy bolar. Gaýby bilýänligini aýdýan kişilere biz şeýle diýeris: Pygamberimiz Muhammed sallallahu aleýhi we sellem gaýby bilmeýän bolsa, siz nädip gaýby bilip bilersiñiz? Eger olar biz Pygamberden has üstündiris diýseler, bu söz sebäpli küfre (kapyrlyga) girerler. Eger ýok Pygamber bizden has üstündir diýseler, biz olara: Siz gaýby bilýän bolsañyz, näme üçin Pygambere gaýb bildirilmändir?

Allah Tagala aýatda, Özi barada aýdanda: "**Ol ähli gaýby bilýändir. Emma gaýbyny hiç kime bildirmez. Diñe razy bolan Pygamberlerine bildirer. Bu ýagdaýda Ol Pygamberiniñ öñünden we yzyndan gözegçilik edýän** (perişde) **goýar."** (Jyn, 72 /26, 27)

Gaýby bilýänligini aýdýan kişileriñ kapyrlygyna yşarat eden ikinji aýat: Allah Tagala Pygamberlerine ynsanlar üçin şu sözi yglan etmegini buýrandyr: "**Aýt: Men size Allahyñ hazynalary meniñ ýanymda diýmeýärin. Men gaýby hem bilmeýärin. Size men bir perişde hem diýmeýärin. Men diñe maña wahyý edilen buýruklara boýun bolýandyryn.............."** (Enam, 6 /50)

Şeýh Muhammed bin Salih el-Useýmin, Fetawa Erkanil-Islam.

www.ahlusunnet.com